# Hudaý bolýan bolsañ, subut et!!!

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Hudaý bolýan bolsañ, subut et!!! HUDAÝ BOLÝAN BOLSAÑ, SUBUT ET!!!




Taryhda Hudaý bilen gönümel iş salşan adamlar az däl. Beýik Allah bilen we onyň çaparlary (Perişdeler) bilen esasanda Pygamberler iş salyşmaly boldylar we belki biziň döwrümizde hem iş salyşýandyrlar? Allah bilen aragatnaşyga çykan adamyň iň ilkinji soragy bolsa, eger sen çyndan hem Hudaý bolýan bolsaň, subut et. Hudaýdan subutnama soran Pygamberler az däl, adam näme diýseň hem adamlygyna galýar we diňe öz gözlerine ynanýar. Dogrysy Hudaý hem subutnama soralany üçin känbir gaty görýäne meňzänok. Adamlaryň iň köp sanly soraýan subutnamasy bolsa ölüni direltmek. Pikirlenip görseň hiç bir jadygöýüň oňarmajak zady ölüni direltmek bolup durýar. Mukaddes kitaplarda ölüni direldilýän bölümler az däl. Beýik Allah özüniň kimdigini görkezmek üçin diňe bir ölüni direltmedi, ol başga hem gaýtalap bolmajak işler etdi. Ol işleriň barsyny gysgaça «Hudaýyň alamatlary» diýilýär, rus dilinde bolsa «Znameniýa Boga» bolýar. Beýik Allah öz alamatlaryny diňe diri şaýatlar üçin görkezmedi, ol öz alamatlaryny biziň döwrümiz üçin hem goýup gitdi. Ol alamatlar biz ýaly adaty adamda, Allaha bolan ynamy berkitmek üçin zerur bolup durýar. Dogrymy aýtsam meň özüm hem aram aram Allaha bolan ynamymy ýitirýän, emma Oňa bolan ynamy berkitmäge maňa Hudaýyň alamatlary kömek edýär. Has dogrysy ol alamatlary kapyrlaryň ýalana çykarjak bolmasy. Zeminde haýsam bolsa bir güýç Allahyň bardygyna çyny bilen ynanýar we ony çyny bilen ýigrenýär. Ol güýç çyny bilen

ýarym toslama zadyň garşysyna hiç haçan hem göreşmezdi, diýmek Allah hakykatdan hem bar. Allahyň özine garşy hiç zat edip bolanok,(oň arşyna ýadro raketalar ýetenok) emma oň alamatlaryna garşy hakykatdan hem göreşse bolýar. Allahyň alamatlaryny ýalana çykarmak üçin köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, çeper edebiýat, kinomatografiýa we resmi ylym hyzmat edýär. Indi bolsa alamatlaryň barsynda durup geçeli we şol alamata garşy görülýän çäräni tapjak bolalyň.
1) Iň birinji alamat – Allahyň ölüni direldişi

Bu alamata garşy bir giden kitap ýazyldy we bir giden kino düşürildi. Maňa belli bolan iň esasy kitap Frankinşteýniň wakasy bolmaly. Şol eseriň esasynda bir lukman ölen adamy direldýär, ýa-da ölen adamlaryň bölеklerinde täze adam ýasaýar. Şol kitaba bolan gyzyklanmany reklammaň üsti bilen emeli usul bilen saklap otyrlar. Bu hereketleriň barsy Allahyň iň esasy alamatynyň güýjüni gaçyrmak. Hamala adamyň özi ölüni direldip biljek ýaly, diňe azajyk ylym ýetenok. Frankinşteýn eseriň täsirinden soň, Allahyň ölüleri direltmegi eýýäm gyzykly bolup görünmeli däl. Frankinşteýnden başga Supermeniň direlmegi, zombylaryň direlmegi we başgada bir giden öňüňizden çykjak direlmeler.

2) Musa Pygamberiň gyzyl deňizi iki bölmegi

Bu alamata garşy söweş ylmy dünýäde alnyp barylýar. Siziň baryňyz suwyň gudraty barada her tüýsli ylmy zatlary eşden bolsaňyz gerek? Suw informasyýa saklaýar, sew bilen bar zat beýle ýönekeý däl, suw bilen bir zat düşnikli däl. Garaz suwyň daşynda alymlar bir tüýsli syr döredýärler. Şeýle ylmy işleri okan adam, irde giçde Musa Pygamberiň gyzyl deňizi iki bölşi barada bir zat okasa känbir geň galmaly dälde şeýle diýmeli: Bu ýerde Hudaýyň dahylly ýeri ýok, suw özünde informasyýany saklaýar, belki ol jadygöýüň hem diýenini edýändir? Alamatlara garşy göreşiň esasy düzgüni, adamlara hiç zady gönümel tekst bilen aýtmaly däl, adamlaryň özleri pikir ýöredip şol ugra ýetmeli. Şeýle etseň adamlar öz tapan pikirlerine gowy ynanýarlar, gönümel aýdylan pikir bir tüýsli ýat pikir ýaly bolup eşdilýär.

3) Musa Pygamberiň hasasy

Musa Pygamber Faraonyň ýanyna baranda, oňa Hudaýyň alamatyny görkezende oň hasasy ýylana öwrülýär. Ýöne barybir Musa Pygambere ynanman oňa jadygöý diýýärler. Eger gowja üns berseňiz biziň şu döwürmizde käbir kinolarda we multfilimlerde jadygöýleriň elinde ýylanyň keşbinde bolan hasa tutdyrýarlar. Eli ýylan görnüşde hasaly jadygöý meň ýadyma diňe Alladin multfilimdäki Jafar atly wezir düşýär. Garaz ýylana öwrülýän hasa we ýylan şekilli hasalaryň barsynyň telewizorda peýda bolmagy, Allaha garşy göreşýän azaşanlaryň biziň beýnimize Musa Pygamberi jadygöý hökmünde görkezmäge synanşmagy.

4) Anabiýoz ýa-da uzaga giden uky

Kerimi Kuranda Beýik Allah 4-5 sany adamy we bir köpegi, bir näçe müň ýyllap gowakda ýatar ýaly edip olary öz alamaty hökmünde görkezýär. Şol topar adamlar özleriniň şonça ýyl ýatanlaryndan özleri hem bihabar bolýarlar. Döwrebap haramlar bolsa çeper edebiýatyň we fantastikaň üsti bilen «Anabiýoz» atly fantastiki bir düşünjäni girizdiler. Hamala uzak planetalara uçmak üçin adamlary Anabiýoz uka didirseň bolýar. Hakykatda bolsa bu zatlaryň barsy ýalan. Bu zatlaryň ýeke täk maksady Allahyň alamatlaryny adamlaryň edip bilýändigine ynandyrjak bolmak.

5) Kakasyz çaga dogurmak

Bize mälim bolşy ýaly Bibi Merýem Isa Pygamberi hiç hili erkeksiz dogurýar we öz alamatlarynyň birine öwürýär. Bu alamata garşy köp zat aýdyp biljek däl, ýöne diňe meň bilýänim: Haruki Murakaminiň 2 sany eserinde, erkeksiz çaga dogurýan aýallar barada gürrüň berilýär. Ondan başga köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde jynsy gatnaşyksyz dogyran gyzlar barada bir topar buşlykly habarlary eşitseň bolýar. Mysal üçin oglan bilen gyzyň içgi geýimini bir kir ýuwýan maşynda ýuwypdyrlar we gyz göwreli bolupdyr, ýenede bir oglanyň jyns suwuklygy suwly howuza düşüpdir we şol howuza

suwa giren gyzlar göwreli bolupdyrlar. Erkeksiz çaga galmaň başga bir mysaly meň ýadymda ýok.

6) Isa Pygamberden adamlar asmandan balyk indirmegi soraýarlar, ol bolsa Allaha ýüz tutýar

Allah bolsa razylaşýarda şeýle diýýär: —Eger balykdan soň adamlaryň ýüreginde ynam bolmasa, men olardan gowja edip soraryn. Eger kim Isa Pygamber barada kino gören bolsa, ol hiç zat ýok ýerden balyk alýan we adamlara berýän ýerini bilýändir. Biziň döwrümizde bolsa bu alamata garşy ylym bilen köpçülikleýin habar beriş serişdeleri göreşýär. Ylym aýtmagyna görä uly ahy tupanlar suwuň düýbünden balyk sürüsini göterip adamlaryň üstine ýagşyny gürrüň berýär. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bolsa şeýle ýagdaýlar boldy diýýärler.
Allahyň alamatlarynyň şu wagt ýadyma düşenjeleri şular. Alamatlaryň barsy Kerimi Kuranda bar we olary ýalana çykarjak bolýanlaryň hereketlerini mas mediýada görseň bolýar.

Rahman ZULFIKAROW. Geň-taňsy wakalar